# Jan jesetde bendi

Category: Edebi makalalar,Ertekiler,Filosofiýa,Kitapcy,Medisina,Nukdaýnazar,Psihologiýa,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Jan jesetde bendi ● ***Kökler***

JAN JESETDE BENDI

Jan, ruh hakyndaky düşünje adam aňynyň ilkinji basgançaklaryndan gözbaş alyp gaýdýar. Janyň jeset içre bendiligini, ruha öwrülip, ýene ýoluny dowam edýändigini sähel üşügi bolan adam tekrarlar. A.Öräýew "Adat" kitabynda: "Türkmenlerde bolan ynanja görä, ynsanyň jany-ruhy agzyndan çykarmyş we ol bedenden çykyp, esli wagtlap özüniň birnaçe ýyl mekan eýlän jismi-jesedini synlap durarmyş. Soňra jeset jaýda ýatan bolsa, ony terk eýlän jan-ruh otagyň, öýüň bir burçuna baryp, şol ýerden meýdiň töweregindäki wakalary synlap durýarmyş we hadysalary görýärmiş" diýip ýazýar.
Janyň agyzdan, burundan çykýandygy hakyndaky ynanja dünýäniň başga-da köp ýerinde duş gelse bolýar. Meselem, Selebes adasynda ýaşaýanlar ölüm halynda ýatan syrkawyň burnuna, göbegine, aýagyna çeňňek dakýan ekeniler. Eger jan gaçyp gitjek bolsa, çeň- ňege düşüp galar diýipdirler. Bu babatda J.Frezeriň "Altyn şaha" kitabynda dürli-dürli täsin mysal getirilýär. Markiz adalarynyň, Täze Kaledoniýanyň ýaşaýjylary öljek bolup ýatan adamyň janyny goýbermezlik üçin onuň agzyny baglapdyrlar ýa-da burnuny gysypdyrlar. Indusyň ýanynda oturan adam pallaýsa, ol barmaklaryny şarkylladyp açylan agyzdan janyň çykyp gitmegine päsgel berjek bolupdyr.
Türkmenlerde-de ukyda ýatan adamyň agzy açyk bolsa halanmaýar, oýansa kem görlenok. Çykjak jany köp halatda uçmaga häzirlenen guşa meňzedýärler, ony şahyrana döredijilikde metafora hökmünde ulanypdyrlar diýip Frezer belleýär. Bu meşhur alymyň pikirini biz türkmen poeziýasynyň mysalynda-da tassyklap biljek. Magtymguly "Paýany bolmaz" goşgusynda:

*Jan guşy bilbildir, teniň bir kapas,*
*Bir gün uçar daýym durary bolmaz –*

diýýär.
Magtymguly ol guşy saklap bolmajagyny bilýär. Bilmeýänler welin saklajak bolup her dürli hilä baş urupdyrlar. Malaýlar eger jan guşa öwrülip uçjak bolsa, tüwüň dänesini sepseň saklanar, ýa-da uçan hem bolsa dolanyp geler öýdüpdirler. Ýawa, Borneo adalarynda ýaşaýan taýpalar dänäni jan guşy üçin aldawçy hökmünde ula- nyp boljagyna ynanypdyrlar. Magtymguly “Göçer sen” goşgusynda:

*Jan bir guşdur, dünýä däne, pelek dam,*
*Haçan mundan gutular sen, gaçar sen –*

diýýär.
Bu ýerde ýokardaky ýöntemligiň ysam ýok. Magtymguly dänä “dünýä” diýen manyny berýär, umumy ýaşaýyşyň jan-ruh üçin aldaw, wagtlaýyn zatdygyny, pelegiň duzakdygyny aýdyp, ony filosofik belentlige göterýär.
Ilkidurmuş psihologiýasy ruhuň degişliligini diňe adamyň çägi bilen oňdurmandyr, haýwanlaryň, zatlaryň ruhunyň bardygyny-da ykrar edipdir. Hut, şu ynanja görä-de, erkek adam ölende onuň aýallaryny, gyrnaklaryny, atyny öldürip onuň bilen bile jaýlapdyrlar. Gabra ýaraglaryny, gaýry zerur zatlary salypdyrlar. Bu zatlar hojaýyna ol ýerde-de hyzmat üçin gerek bolar diýipdirler.
Adam ilkidurmuş, ýabany döwründe tebigat hadysalarynyň güýjüni özüne tanyş jandarlarynyň hereketi bilen gabatlaşypdyrlar, şolaryň mysalynda-da düşünipdirler. Eger haýwanlar ýaşaýan bolsalar hereket edýän bolsalar, diýmek, olaryň içinde adam ýa-da wagşy bir jandar oturandyr öýdüpdirler, şolara-da jan hökmünde garapdyrlar, haýwanyň ýa-da adamyň özüni alyp barşyna görä-de janyň tüýsini kesgitläpdirler. Olar ölselar, ýa-da ukuda rahat ýatan bolsalar, diýmek, bu ýagdaý janyň bedeni taşlap gidendigini aňladýar. Wagtlaýyn ukuda, ölümde hemişelik gidýär diýip düşünipdirler. Oguz begleriniň ukyny kiçijik ölüm diýip atlandyrmalarynyň delili şu ynanç bilen bagly bolmasyn?

Uky mahaly janyň bedeni taşlap gitmegi juda hatarly ýagdaýlary döredip biler. Onuň eglenmegi ölümiň howpuny artdyrýar. Onuň başga bir ýatanyň jany bilen duşuşyp, uruşmagy-da ähtimal. Eger gwineýaly negr irden turanda endamynda agyry duýsa, munuň sebäbini ukudaka öz janynyň başga bir entäp ýören jan tarapyndan ýenjilendigi bilen düşündirýär. Ilkidurmuş adamlary ýatany turuzmagyň düýbünden gadagandygyna boýun bolupdyrlar. Eger ýatanyň jany gezelençden gelmedik bolsa, jansyz göwräniň turuzylmagy ony betbagtlyga sataşdyryp biler. Eger onuň oýanmagy juda zerur hasap edilen ýagdaýynda ony kem-kemden, howlukman oýarmaly, janynyň dolanyp gelmegine mütdet bermeli.
Türkmenlerde-de süýji ukuda ýatany bimaza etmek, bimahal oýarmak ýokuş görlüpdir. Türkmenler “kölegesi yrylmasyn” diýýärler. Bu ýerde “kölege” sözi diňe adamyň kölegesi manysyndan has giň. Oňa janyň, ruhuň alamaty hökmünde garasa bolar. Ruhy-jany kölege görnüşinde göz öňüne getirmek köp taýpanyň düşünjesine mahsus bolupdyr. Zuluslar adam ölende onuň kölegesi jesetden aýrylyp gidýär, öýüň ruhuna öwrülýär diýip düşünipdirler. Ýalňyşmaýan bolsam, bu ýerde türkmenleriň eýe hakyndaky ynanjyna meňzeşlik bar.  Syrkaw ýa-da heläkçilige uçuran adam ölüm halynda ýa- tan bolsa, onuň tut ýaly sagalyp gitmejegine gözi ýetip duran türkmen: “Demine degmese bolýa-la” diýýär. Bu ýerde “dem” jan manysynda gelýär. Jany dem bilen aňlatmak dünýäniň başga taýpa- larynda-da gabat gelýär. Bu babatda ruh, jan hakyndaky düşünjäniň tebigatyny öwrenmekde meşhurlyk gazanan iňlis alymy E.Taýlor “Ilkidurmuş medeniýeti” diýen düýpli işinde degerli faktlar getirýär. Jana dem hökmünde düşünmegiň manysy semit hem ary etimologiýasy boýunça yzarlanyp, soňra onuň dünýä filosofiýasynyň esasy gözbaşlarynyň birine ýetirilen bolmagy ähtimaldyr. Ýewreýlerde “dem” diýmek- “nefeş”. Türkmenlerde “nepes”, “nepesiňi durla” diýilýär. Nefeş “ýaşaýyş, jan, haýwanyň akyly” diýen manylarda ulanylýar. Ýewreýçe  “ruah”-ruh diýmek. Nefeşden ruaha geçmek jandan ruha geçmegi aňladýar.
A.Öräýew “Adat” kitabynda: “Ruhlaryň adam jisimine girip, ýaşap, ýene-de ony ölüm pursatynda terk edip gidýändigi, şeýle ýagdaýyň ruhlaryň durmuşynda yzygiderli gaýtalanyp durýandygy

barada türkmenlerde bar bolan düşünjäniň hakykata golaýdygyny subut edýän çaklamalary soňky döwürde alymlar ýygy-ýygydan öňe sürüp ugradylar” diýmek bilen, dürli çeşmeden haýran galdyryjy mysallar getirýär. Olary başga-da birgiden çeşmäniň hasabyna artdyrsa bolardy. Bu ýerde maksat ruhuň ýitmeýändigine okyjylaryň ünsüni çekmek. Doga okalanda ölenleriň ruhlaryna-da edil dirilere dileg edilişi ýaly dileg edilýär ahyry.
Ilkidurmuş adamlary ukuda ýatan adamyň janynyň göwräni taşlap wagtlaýyn gitmäge ukyplydygyna ynanypdyrlar diýdik. Şu ynanç soňabaka adamlarda howpsuzlyk üçin jany başga bir gizlin ýerde saklap bolsady diýen arzuwlar döredipdir. Adatça, arzuwlar olaryň amala aşmasy hemişe ertekilerde şöhlelenýär. Näme-de bolsa durmuşyň reallygy bu tasinligi adamlara berenden şonuň garşysyna duran jadyly güýçlere berilmegini has umytly hasaplan bolmaga çemeli, sebäbi adam soňra kyn ýollar bilen şol täsinligiň gizlin syryny açýar, öz ýeňişini has görnetin edýär goýaýýar.
Biz çagalykdan aýylganç Kaşşeý hakyndaky filme tomaşa edip gelýäris. Film rus halk ertekisiniň esasynda döredilipdi. Ölmez-ýitmez diýilýän Kaşşeýi ýok etmek üçin onuň janynyň gizlenýän ýerini bilmeli. Ol belent gaýanyň üstündäki daragtdan asylgy gutyda sak- lanýan ýumurtganyň içinde. Ony agzyndan ot saçýan üç kelleli aždarha goraýar. Şu päsgelçilikleri ýeňip geçmezden Kaşşeýiň ölümi mümkin däl. Bu gadymy ynançdan türkmenlerem habarly ekeni.
Muňa göz ýetirmek isleseňiz “Mämmetjan” diýen belli ertekimizi okaýmaly. Kakasynyň derdine derman bolmaly bilbilgöýäniň gözlegine çykan Mämmetjan jadyly döwleriň garşysyna durmaly bolýar. “Ak döwüň jany başga ýerdedir. Eger sen şony alyp bilseň, ondan soň ak döwi öldürersiň” diýýärler, döwüň janynyň saklanýan ýerini salgy berýärler: “Şol tamda bir aždarha ýatandyr. Sag gözi açyk, çep gözi ýumuk bolsa, onda ol ukudadyr. Ak döwüň jany hem onuň çep gulagyndadyr. Ýuwaş-ýuwaşdan baryp, birden aždarhanyň şol açyk gözüne bir käse suw sep, suwy sepen badyňa gulagyndan bir kiçijik çüýşe düşer, sen häzir bolup dur, şol çüýşe ýere düşen badyna tiz al-da çüýşäni döw, şonuň içinde ak döwüň jany bardyr. Şondan soň ak döw

öler”. Umuman, ruh bilen bagly gysgaça ýazgymyz türkmenleriň dünýä siwilizasiýasyndan üzňe bolmandyklaryny görkezýär. Ýene bir täsin mysala üns bereliň. Öňinçä A.Öräýewiň “Adat” kirabynda aýdylýan bir pikire salgylanmak gerek: “Iki dünýäniň ruhlary-da biri-biri bilen ruhy gatnaşykda bolup biler, emma maddy gatnaşyga girip bilmändir. Bardy- geldi baky dünýäniň ýaşaýjylary-periler Ýere-maddy dünýä geläýseler we ynsanlar bilen maddy gatnaşykda bolmak isleseler, onda olaryň ruhy özüne ýerde madda-jismi gabyk edinmeli bolupdyr. Olaryň köplenç saýlap alýan jismi-bedeni kepderiniňki, guwuňky bolupdyr”.

Awtor soňra bu pikiri “Görogly” eposyndaky Agaýunus periniň mysalynda delillendirýär: “Peri bilen ynsanyň maddy, hatda är-aýal jynsy gatnaşyklarda bolmagy-da mümkin bolupdyr. Şeýle halatda maddy dünýäde periniň maddylaşyp, nesil ýaýradyp gidibermegi mümkin bolmandyr… Bardy-geldi olardan nesil önenliginde onda älemde täze bir, üýtgeşik häsiýetli, ot bilen topragyň birikmesinden kemala gelen üçünji görnüşli ruh eýesi jandar döreýär” diýýär. Şeýle jandaryň dörändiginiň mysalyny meşhur “Gorkut ata” eposyndaky Depegözde görýär. Dogrudanam, bu mifiki obrazyň gadymy türkmen edebiýatynda döredilmegi juda gyzykly. Depegöz bilen ugurdaş jandaryň obrazyna Gomeriň “Odisseýasynda-da” duş gelinýär, onuň-da maňlaýynda ýeke göz bar, adyna Siklop diýilýär. Gowakda galan Odisseýiň Siklopdan sypyşynda, Besetiň Depegözden sypyşyn- da meňzeşlik bar. Öräýew Depegözüň fenomenini ýokarda beýan edilen dini filosofiýa baglamakdan ötri, “peri bilen Ýeriň ýaşaýjysy bolan ýönekeý çopanyň ruhy we maddy gatnaşykda bolandygyny, ýagny, är-aýal jyns gatnaşygyna girendiklerini, netijede periniň göwreli halda baky dünýä uçup gidendigi, ençeme wagtdan soň bir çaga ýargak-gabyga salnan görnüşde Ýere taşlandygy, ondan daş şekilli we häsiýeti Ýerdäki ynsanlara meňzeş bolmadyk adamyň-Depegözüň ösüp ýetişendigi, emma onuň hem maddy dünýäde nesil ýaýradyp bilmän namut bolandygy, eposda beýan edilen wakanyň hem gürrüňi edilýän dini filosofiýanyň çäginde galandygyny” aýdýar. Elbetde, Depegöz ýaly mifiki obrazyň döräp bilşini dini filosofiýa bilen baglaşdyrmagyň

mümkinçiligini inkär edip bolmaz. Eýsem-de bolsa, mifologiýanyň adamlaryň aňyndan dörän gymmatlydygyny unutmalyň. Adamlaryň ynançlary, isleg-arzuwlary, durmuş hadysalary, gatnaşyklary miflere siňipdir. Mifler taryhyň özboluşly beýany.

Men Depegöz bilen bagly mifiň adamlaryň belli bir döwürdäki düşünjeleriniň önümidigine ynanýaryn. Ýöne nähili düşünjäniň önümi bolup biler? Men bu sowalyň jogabyny J.Frezeriň “Altyn şaha” kitabyndan tapdym. Awtoryň ýazyşyna görä, ilkidurmuş adamy tebigata hökümini ýöretmek babatda öz mümkinçiliginiň çägini kes- gitläp bilmäni üçin özüne adatdan daşary bir gudrat bermäge çalşypdyr. Ol hudaýlara mynasyp görünýän keramaty, güýji özüne ýöňkäpdir. Tebigy hadysalaryň üstünden agalyk edip bolar diýen ynanç adamy ýarymhudaý derejesine göterip, onda bereketli hasyl eçilmäge-de, gurakçylyk döretmäge-de, derdi-bela, ölüm, gyrgynçylyk ýol-damaga-da başarnygyň bolup bilýändigini tekrarlapdyr. Şol gudrata eýe bolanlaryň gahar-gazabyndan aman sypmagyň hatyrasyna olara adamlary-da gurban beripdirler. Kitapda Okeaniýa adalarynda beýik gudrata mynasyp görlen adamlar hakynda aýdylýar. Olaryň biri öýüniň öňündäki eşofoty ýada salýan belentlikde oturyp, özüne bada-bat iki-üç adamyň gurban berilmegini buýurýar. Eýse ol, “aksakal gojalary, ýaňagy garalan ýigitjikleri” iýen Depegözi ýa-da salanokmy? Depegözi periniň dogurmagy, perileriň bolsa, A.Öräýew aýtmyşlaýyn, “baky dünýäniň ýaşaýjylary” bolmagy, çaganyň döre- megine tebigatdan daşary ruhy gudratyň gatnaşandygyny aňladýar.

Ruhy öwrenmek özbaşyna ylym, oňa animizm diýilýär. Onuň bilen has içgin tanyşmak isleýänlere E.Taýloryň “Perwobytnaýa kultura” (“Ilkidurmuş medeniýeti”) diýen kitabynyň rusça neşirini salgy berip biljek. Animizm diňe bir ýabany ýaşan taýpalaryň däl, siwiliz- leşen halklaryň filosofiýasynyň hem düýp esasyny düzýär. Marksistik-leninçilik ideologiýanyň täsirinden sypdygymyzça ruh hakyndaky ylyma biziň garaýşymyz üýtgemeli. Oňyn tarapa üýtgän ýagdaýynda biz taryhy hakydamyzy doly dikeldip bileris.

Soňky döwürde alymlar adamyň ruhuny öwrenmekde köp iş

bitirdiler. Men golaýda rus lukmany, medisina ylymlaryň doktory, professor Iwan Neumywakiniň öz aýaly bilen ýazan “Saglygyňyz öz eliňizde” atly kitabynyň ikinji neşirini dykgat bilen okap çykdym. Wah, şu kitaby türkmen dilinde-de çykaryp bolsady diýip arzuw etdim. Kitabyň iň uly bölümine “Adamyň bioenergetik durky. Jan ölmez-ýitmezmi?” diýen sözbaşy berlipdir. Şu ugurda dünýäniň görnükli alymlarynyň alyp baran hem dowam etdirilýän ylmy barlaglary hakynda giňişleýin maglumatlar berilenden soňra şeýle diýilýär: “Şeýlelik bilen, adam öz ömründe birnäçe ýagdaýda ýaşaýar: maddy ýagdaý-özüniň ýaşaýyş islegleri bilen: astral ýagdaý-duýgulary, oý-pikirleri bilen: mental ýagdaý-özüniň akyl-paýhasy bilen. Elbetde bu ýagdaýlar özara berk baglanyşykda, rus matrýoşkalarynyň şekili ýaly biri-biriniň içinde. Indiwidual aýratynlyklar esasynda biriniň beýlekisine görä agdyklyk etmegi ýa-da hemmesiniň bir bütewi sazlaşykda bolmagy ähtimal”.
Soňra awtorlar tebigatda hiç bir zadyň dereksiz ýitmeýändigine ünsi çekýärler, başga görnüşe geçmek kanunynyň nukdaýnazaryndan ruhy ýagdaýa garaýarlar. Ölümden öň energetik gabygyň zyňylmak hadysasynyň bolup geçýändigi aýdylýar. Fiziki ýagdaýda adamyň indiwiduallygyny häsiýetlendirýän efir jisimi energiýanyň başga görnüşine öwrülýär. Duýguny, islegi aňladýan astral jisim käbir öwrülmä sezewar bolsa-da, asmandaky mekanyň aşaky gatlaklarynda fokusirlenen görnüşde orun alýarlar. Material ýagdaý bilen bagly adamyň amala aşmadyk isleg-arzuwy näçe köp boldugyça, şonça-da adamyň ruhy ol dünýäde görgä, jebire döz gelmeli bolýar diýip hasap edilýär. Mental jisim, ýagny biziň ruhumyz ýitmeýär. Ol Älemiň Bütewi informasiýa meýdanynda saklanýar.
Eýýäm şu aýdylanlaram, ylmyň ruhy barlygy inkär etmeýändigini aňladýar.

Tirkiş JUMAGELDI. Edebi makalalar